# «Käbedäki iti göräýdiňmi…»

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
"Käbedäki iti göräýdiňmi…" «TABAGYŇDAKY ETI GÖRMÄN, KÄBEDÄKI ITI GÖRÄÝDIŇMI?..»

Bir türkmeniň öýüne donunyň syýyny süýräp ýören sakgally-sarmykly şyh myhman bolupdyr…
Sylag-hormat edip, ony töre geçiripdirler, daýhanlar näme keramat görkezerkä diýip, onuň agzynyň içine aňkaryp durkalar, şyh aram-aram irkilen ýaly edip, “Hüşt!” diýipdir…
Daýhanlar munuň keramatdygyny aňlap, ýöne näme keramatdygyna düşünmändirler we gyzyklanyp sorapdyrlar:
— Tagsyr, birden-birden «hüşt» diýýäň welin, o nämäniň alamaty?..
Şyh:
— Bir it Käbäniň diwaryna buşukjak ýaly edýär, şony gördüm-de, «hüşt!» diýip, kowalap başladym — diýipdir.
Obalylaryň yktykady öň bir bolsa, indi müň bolupdyr…
Muny gapynyň agzyndan eşdip duran öý eýesiniň aýaly saçak ýazypdyr, oturanlaryň öňüne üsti etli palawly tabak gelipdir.
Şyhyň tabagynda bolsa palawdan başga zat ýok eken…
Şyh birsalym etsiz tabaga seredip durandan soň, gapydaky aýaldan:
— Meniň tabagymda nämüçin et ýok, munuň bir sebäbi barmy? — diýipdir.
Öý eýesiniň aýaly tabagy beýlesine öwrüp, palawyň aşagyna goýan etlerini çykarypdyr. Ol elindäki kepgiri şyhyň kellesinden aýlap salypdyr:
— Köpeýogly, tabagyňdaky eti görmän, Käbedäki iti göräýdiňmi?!. Degişmeler